ISHENGIR

BIZ SIZ BILEN GELJEGI TASLAMALAŞDYRÝARYS WE DÖREDÝÄRIS

# TEHNIKI HOWPSUZLYK, ZÄHMETI WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BOÝUNÇA KODEKS (TH, ZG WE DGG)

Biz siziň howpsuzlygyňyz we siziň abadançylygyňyz barada alada edýäris we alada ederis.

## BIZIŇ MAKSADY

Täjirçilik işi bilen baglanyşykly işleri alyp barýan beýleki şahslaryň saglygyny we howpsuzlygyny goramak boýunça «Ishengir» kompaniýasynyň Türkmenistandaky syýasatyny we amallaryny

## BIZIŇ SYÝASAT

Işgärleriniň we özüniň täjirçilik işi bilen baglanyşykly işleri alyp barýan beýleki şahslaryň iş orunlarynda saglygyny we howpsuzlygyny


Turkmenistan, Turkmenbashy City, Pushkina str. No.:21

+99365070040

cobe@ishengir.com

ishengir

## KODEKSIŇ MAKSADY

Şu kodeksiň maksady, «Ishengir» kompaniýasynyň işgärleriniň, şeýle hem «Ishengir» kompaniýasynyň täjirçilik işi bilen baglanyşykly işleri alyp barýan beýleki şahslaryň saglygyny we howpsuzlygyny goramak boýunça «Ishengir» kompaniýasynyň Türkmenistandaky syýasatyny we amallaryny işläp taýýarlamak we ýaýratmakdyr.

## SYÝASAT



- «Ishengir» kompaniýasy, işgärleriniň we özüniň täjirçilik işi bilen baglanyşykly işleri alyp barýan beýleki şahslaryň iş orunlarynda saglygyny we howpsuzlygyny, daşky gurşawy goramak bilen baglylykdaky ähli ulanylýan kanunlary we degişli pudaklaýyn standartlary hem-de tejribeleri berjaý edýär. Saglygy, howpsuzlygy we daşky gurşawy goramak «Ishengir» kompaniýasynyň esasy maksadydyr, şonuň üçin hem ýolbaşçylar bu maksada ýetmek üçin zerur bolan we şu syýasaty durmuşa geçirmek üçin mümkin bolan ähli laýykatly çäreleri görmelidirler;
- «Ishengir» kompaniýasynyň ähli işgärleri öz borçlaryny, kompaniýanyň bu syýasatyny durmuşa geçirmek we şu maksada ýetmek üçin laýyk bolar ýaly görnüşde ýerine ýetirerler;
- «Ishengir» kompaniýasy ähli işgärleri, potratçylary, kömekçi potratçylary, üpjün edijileri, hyzmatdaşlary we müşderileri, şeýle hem öz işini amala aşyrýan ýerli bileleşikler bilen bu syýasatyny durmuşa geçirmek we şu maksada ýetmek üçin işleşer.

## DOLANDYRYŞ



- Bu syýasat, taslamalaşdyryş müdirliginiň toparynyň goldaw bermeginde «Ishengir» kompaniýasynyň TH, ZG we DGG komiteti özüniň
- TH, ZG we DGG komiteti, «Ishengir» kompaniýasynyň bu syýasaty bilen baglylykdaky taslamalaryna, hasabatlaryna we beýleki maglumatlaryna ýolbaşçylyk etmekligi üpjün etmek üçin ýeterlik boljak audit we öz-özüne baha beriş maksatnamalaryny işläp taýýarlamalydyr we goldamalydyr.
- «Ishengir» kompaniýasynyň taslama ýolbaşçysy, TH, ZG we DGG işgäri hökmünde uly işgär belleýär;
- TH, ZG we DGG işgäri bu syýasatyň dolandyrylyşyna gözegçilik etmelidir we TH, ZG we DGG komitetine ýa-da taslama ýolbaşçysyna, bu syýasaty geçirmek we onuň maskatlaryna ýetmek

üçin özüniň maksadalaýyk hasaplajak maslahatlaryny bermelidir;

- TH, ZG we DGG işgäri, azyndan her aýda iki gezek taslama ýolbaşçysyna, «Ishengir» kompaniýasynyň bu syýasaty berjaý edýändigi we TH, ZG we DGG işgäri tarapyndan amala aşyrylýan çäreler barada hasabat bermelidir.

## GOLLANMA ÝÖRELGELERI

- «Ishengir» kompaniýasy we onuň işgärleri özleriniň işlerini ýerine ýetirenlerinde, «Ishengir» kompaniýasynyň täjirçilik işi bilen baglanyşykly işleri alyp barýan ähli şahslaryň saglygyna we howpsuzlygyna howp salmaly däldirler. Geçirilýän operasiýalaryň ýerleşýän ýerine garamazdan, ekologiýa heläkçilikli täsir edilmeginiň öňüni alyp, daşky gurşawy goramalydyrlar;
- Ekologiýany aýawly saklamakda saglyk, howpsuzlyk we rüstemlik «Ishengir» kompaniýasyny dolandyrmaklygyň we kompaniýanyň her bir işgäriniň esasy maksadydyr;
- «Ishengir» kompaniýasy, adamlary, emläkleri we daşky gurşawy goramak ýörelgeleri bilen öz işiniň arasynda ylalaşyjylygyň üpjün edilmegi üçin hemişe tagalla edýär;
- «Ishengir» kompaniýasy, her bir taslamasynyň esasynda, öz işimizi durmuşa geçirmekde, şeýle hem özümiziň iş tejribämiziň hemmesinde ekologiýany gorap saklamak we saglyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça ýokary görkezijileri gazanmaklyga çalyşýar.



**«Ishengir» kompaniýasynyň syýasaty, TH, ZG we DGG komitetiniň gözegçiligi astynda aşakdaky on sany gollanma ýörelgeleri boýunça durmuşa geçirilýär.**

**Yhlaslylyk**

«Ishengir» kompaniýasynyň ýolbaşçylary, özüniň hojalyk işlerini alyp barmaklygyň ähli derejelerinde TH, ZG we DGG boýunça ýokary standartlary gazanmaklyga işjeň çalyşmalydyrlar. Ýolbaşçy işgär bu maksada yhlaslylygyny görkezmelidir we bu maksada ýetmek üçin iň laýykatly resurslary bermeklige we bu ýörelgelere eýermeklige çalyşmalydyr. Kompaniýanyň işgärleri bilen aragatnaşykda bolmak bilen biz «Ishengir» kompaniýasynyň saglyga, howpsuzlyga we daşky gurşawy goramaklyga bolan yhlaslylygynyň gündelik işimizde görkezmeklige çalyşýarys.

**Guramaçylyk**

Biz TH, ZG we DGG meselelerini ulgamlaýyn dolandyrmak boýunça «Ishengir» kompaniýasynyň ähli işgärleriniň hemmetaraplaýyn we işjeň gatnaşmagyny ykrar edýän we höweslendirýän guramaçylyk düzümini we medeniýetini goldamaklyga hem-de kämilleşdirmeklige çalşarys. Şonuň ýaly hem biz, «Ishengir» kompaniýasynyň öz alyp barýan işleriniň ähli derejelerinde maglumatlary we iň gowy tejribesini bermeklige mümkinçilik berýän medeniýetiň gerimini giňelderis.

**Hasabatlylyk**



TH, ZG we DGG çygrynda kämillik gazanmaklyk, köp ýagdaýlarda ýolbaşçylaryň hemişe bu işe gatnaşmaklaryna we hasabat bermeklerine baglydyr. Saglyk, howpsuzlyk we daşky gurşawy goramak boýunça jogapkärçilik, munuň özi jemgyýetçilik syýasatynyň we kanunyň meselesidir, olaryň berjaý edilmezligi bolsa çynlakaý netijelere eltip biler. Kompaniýanyň ýolbaşçy işgärleri, operasion işleriň şu syýasata, her bir desga üçin saglygy goramak boýunça işlenilip taýýarlanylan we girizilen, özleriniň gözegçilik astynda geçirilýän ulgamlara, maksatnamalara we proseduralara laýyklykda geçirilmegini üpjün etmek boýunça jogapkärçilik çekýärler.

**Standartlar we Dolandyryş**

Biz TH, ZG we DGG dolandyryş boýunça effektiw ulgamlary işläp taýýarlarys, girizeris we kämilleşdireris, şeýle hem pudaklaýyn tejribeden iň gowularyny görkezýän standartlary işläp taýýarlarys.

**Howplary dolandyrmak**

Biz TH, ZG we DGG çygrynda biziň hojalyk işimiz bilen bagly bolup biljek howplaryň mümkin boldugyndan öz wagtynda bahalandyrylmagy, şeýle hem ýüze çykyp biljek goşmaça täsirleriň minimallaşdyrylmagy we olaryň dolandyrylmagy, şonuň ýaly hem ýagdaýy has gowulandyrmak mümkinçiliklerini kesgitlemek üçin alada edýäris. «Ishengir» kompaniýasy, saglyga, howpsuzlyga we daşky gurşawy goramaklyga howp salyp biljek, islendik öňünden bilip boljak howplary kesgitlemeklige ýa-da öňüni almaklyga çalşar.

**Kadalara laýyklygy**

Biz Türkmenistanyň degişli kanunçylygynyň we halkara kanunçylygynyň, kodeksleriniň kadalaşdyryş ulgamlarynyň talaplaryna jogap berýän standartlara laýyklykda hereket ederis we olary berjaý etmeklige hem-de bu ýörelgeleri gymmatly we dogry durmuş görnüşi hökmünde ykrar etmeklige çalşarys. Düzgünleşdiriji gözegçilik bolmadyk ýagdaýynda, biz zerur bolan pudaklaýyn standartlara we bar bolan iň gowy tejribelere laýyklykda TH, ZG we DGG boýunça özümiziň standartlarymyzy kabul ederis we girizeris.

**Okuw**



Okuw TH, ZG we DGG boýunça kämillik gazanmagyň aýrylmaz elementidir. TH, ZG we DGG işgärleri özleriniň gündelik borçlaryny ýerine ýetirmek üçin biliminiň we tejribesiniň esasynda kwalifikasiýa eýe bolarlar. Ondan başga-da, «Çalasyn» kompaniýasy TH, ZG we DGG meseleleri boýunça her bir işgäriň hünär borçlaryna laýyk gelýän derejede okuw geçirilmegini üpjün etmeklige borçlanýar. Her bir taslama-operasion

toparlaryň ýolbaşçylary, degişli okuwlaryň yzygiderli okuwlaryň yzygiderlilikde geçirilmegini üpjün etmek üçin çäre görmelidirler.

**Ekologiki aspektleri**

Biz özümiziň işimiziň ekologiki aspektlerine hemişe seljerme geçirip, bahalandyryp we hasaba alyp durarys. Biziň maksadymyz özümiziň hojalyk we operasion işimizi, elektrik energiýasyny we tebigy resurslary tygşytly sarp edip, şeýle hem öz işimiz bilen baglylykdaky galyndylary howpsuz ýagdaýda gaýtadan işläp we olary gaýtadan ulanyp hem-de peýdalanyp, daşky gurşawa çendenaşa artykmaç täsir edilmez ýaly görnüşde amala aşyrmakdan we ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

**Durnukly kämilleşdiriş**



«Ishengir» kompaniýasy, täjirçilik işiniň netijeli bolmagy üçin esasy şert hökmünde, TH, ZG we DGG meselelerini netijeli dolandyrmaklyk hasaplaýar. Kompaniýa öz işiniň çygrynda bolşy ýaly, T H, ZG we DGG meselelerini netijeli dolandyrmak babatda durnukly kämilleşmeklige çalyşýar. Biz şu on sany ýörelgäniň berjaý edilmegi, özümiziň TH, ZG we DGG çygry boýunça maksatlarymyza ýetmeklige kömek etjekdigine ynanýarys. Biz her bir anyk maksatlary kesgitlemek üçin seljerme geçirýäris we baha berýäris. Şol maksatlar esasynda hem biz TH, ZG we DGG çygry boýunça ýokary standartlary gazanmakda özümiziň ösüş derejämizi ölçäris.

**Monitoring, syn we audit**

Netijeli dolandyrmaklyk, TH, ZG we DGG çygry boýunça syýasatyň dogry durmuşa geçirilýändigini kesgitlemek üçin durnukly seljerme geçirip durmaklygy we bahalandyrmaklygy talap edýär. Degişlilikde, «Ishengir» kompaniýasynda geçirilýän hojalyk amallarynyň hemmesi üçin şu bahalandyryş, öz-özüne baha bermek we audit maksatnamasy amala aşyrylmalydyr we goldanylmalydyr. Bu maksatnamanyň maksady, «Ishengir» kompaniýasynyň ýolbaşçylaryna we hyzmatdaşlaryna, ähli amallaryň Türkmenistanyň hereket edýän kanunlarynyň, kadalaşdyryjy namalarynyň, şeýle hem «Ishengir» kompaniýasynda ugur alnan syýasatyň we standartlaryň talaplaryna laýyklygyny tassyklamakdyr, şonuň ýaly hem «Ishengir» kompaniýasynda geçirilýän hojalyk amallarynyň çäklerinde öňdebaryjy tejribäniň girizilmegine ýardam bermekdir.

**TH, ZG we DGG SYÝASATY BARADA BEÝANNAMA**

«Ishengir» kompaniýasynyň Tehniki howpsuzlyk, zähmeti we daşky gurşawy goramak (TH, ZG we DGG) çygry boýunça syýasatynyň maksatlaryny we ýörelgelerini beýan etmek. «Çalasyn» kompaniýasynyň syýasaty, özüniň ähli işgärleri we «Ishengir» kompaniýasy bilen işleýänler üçin howpsuz, sagdyn we ekologiýa taýdan arassa iş orunlaryny üpjün etmekligi, ýüze çykyp biljek howplaryň derejesini

peseltmek, önümçilikde şikes alynmagynyň, betbagtçylykly hadysalaryň bolmagynyň, hünär keselleriniň ýüze çykmagynyň we ekologiýa netgatiw täsir edilmeginiň öňüni almak arkaly amala aşyrmakdan ybaratdyr.



**BIZIŇ FILOSOFIÝAMYZ WE IŞ ÝÖRELGÄMIZ**

«Ishengir» kompaniýasy, TH, ZG we DGG meselelerine mundan beýläk wajyplyk derejesine görä düzgünleşdiriljek wezipe hökmünde seredip bolmaz, diýip hasaplaýar. Bu meselä biziň operasion işimiziň her bir bölegine mahsus bolan ähmiýetli wezipe hökmünde seredilmelidir. Ondan başga-da, biz özümiziň iň wajyp aktiwlerimiziň, işleri biz bilen bile ýerine ýetirýän biziň adamlarymyzdygyna ynanýarys. Biz üçin öz gündelik işlerimiziň howpsuz we sagdyn gurşawda amala aşyrylmagyny üpjün etmekden wajyp hiç zat ýokdur.



Bu syýasat amala aşyrylanda ýeke-täk kabul ederlikli önümçilik görkezijisi hökmünde, her gün biziň ähli iş meýdançalarymyzda hadysalaryň sanynyň nola deň bolmagyndan ybaratdygy bize aýdyňdyr. Biz şeýle netijeleri gazanmaklygy, taslamalar durmuşa geçirileninde her bir işgäriň öz işini yhlaslylyk we erjellik bilen ýerine ýetirmegi arkaly mümkin diýip hasaplaýarys. Biziň taslamamyzyň çäklerinde hadysasyz gurşawy döretmek, aşakdaky esasy ýörelgelere çuň

düşünmekligi we doly kabul etmekligi talap edýär.

- Işgärleriň howpsuzlygy we saglygy, şeýle hem daşky gurşawyň goragy, biziň işimiziň aspektlerine laýyk gelýän we biziň tarapymyzdan eýerilýän gymmatlyklar hökmünde seredilmelidir. TH, ZG we DGG meselelerine, haçanda biziň işimizde başga aspekte has köp ähmiýet bermek üçin zor salnanda wajyplygy sebäpli gurnalan wezipe hökmünde seretmeli däldir;
- "**Hadysasyz**" taslamasyny dörediji TH, ZG we DGG boýunça gollanma, aýry-aýry şahslardan ýa-da aýry-aýry maksatlardan garaşsyz bolmalydyr;
- Hadysalara we olar bilen baglylykda şikes alynmagyna ýa-da daşky gurşawa zyýan ýetirilmegine ýol berilmeýän taslamalar, yzygiderli öndürijilikli we girdejili bolar diýip hasaplanylýar. Taslamany ýerine ýetirmekligiň ýeke-täk kabul ederlikli görnüşi, ony "**Hadysasyz**" ýerine ýetirmekdir;
- Her bir işgär özüniň eýeleýän wezipesine garamazdan, TH, ZG we DGG babatda jogapkärçilik çekmelidir we öz borçlaryny ak ýürekden ýerine ýetirmelidir;
- TH, ZG we DGG boýunça degişlilikde okatmak, meýilleşdirmek we öňde goýulýan wezipelerini berjaý etmek mynasybetli, ýüze çykýan howply ýagdaýlary azaltmak we betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak mümkindir;
- Ygtybarly meýilleşdiriş degişlilikde ýerine ýetirileninde, taslama durmuşa geçirilenindäki ýüze çykyp biljek ähli howply ýagdaýlaryň öňi, hadysa ýa-da adatdan daşary waka entäk bolmanka alnyp bilner.

**BIZIŇ MAKSATLARYMYZ**

«Ishengir» kompaniýasynyň ýolbaşçylary TH, ZG we DGG ugrunda iň ýokary standartlaryň öňe gidişligi we bu syýasatyň maksatlaryna we meselelerine ýetmek üçin degişli ulgamlary, proseduralary we meýilnamalary işläp düzmekde we goldamakda wepalydyr we öz jogapkärçiligini boýun alýar we kabul edýär. Biziň niýetlerimiz aşakda görkezilen maksatlar bilen şertlendirilendir:



- Iş orunlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek we saglyga zyýan ýetirýän wakalaryň öňüni almak üçin ýüze çykýan töwekgelçilikleriň we bolup biläýjek wakalaryň, betbagtçylykly hadysalaryň, şikes ýetmeleriň, keselleriň we ekologiýa negatiw täsirleriň derejesini durnukly azaltmak;
- TH, ZG we DGG-da çäksiz ölçeglere ýetýän maksada gönükdirilen netijeleri gazanmak we yzygiderli gowulandyrmak üçin bu maksatlary gazanmakda öňe gidişligi yzarlamak.

- Türkmenistanyň ýerli bileleşik we degişli döwlet gözegçilik edaralary we agentlikleri TH, ZG we DGG aspektlerinde zähmeti we daşky gurşawy goramak ugrunda müşderilerimiz tarapyndan hormatlanmalydyrys.
- Daşky gurşawy goramak babatynda diňe biziň işgärlerimiziň däl, eýsem biziň müşderilerimiziň, potratçylarymyzyň, kömekçi potratçylarymyzyň we üpjünçilerimiziň, jemgyýetiň şähtini höweslendirmek.

«Ishengir» kompaniýasy kanunlar we TH, ZG we DGG düzgünleri bilen bellenilen ähli talap edilýän kadalary berjaý edip, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygy boýunça biziň görkezijilerimize meňzeş usul bilen ekologik görkezijileri dolandyrar. TH, ZG we DGG-da netijeliligi üpjün etmek üçin işiň ähli ugurlarynda işgärler üçin her bir derejede biziň kompaniýamyz aşakdaky hereketleri amala aşyrmaklyga borçlanýar:

- TH, ZG we DGG-da ýokary derejeleri gazanmak we TH, ZG we DGG ugrunda habardarlygy we jogapkärçiligi ýokarlandyrmak üçin zerur bolan ýerlede ýeterlik derejede serişdeleri we okuwy üpjün etmek;
- Taslamalaşdyrmakda, gurluşykda, biziň taslamalarymyzy ulanmakda we dolandyrmakda ylalaşyklyga ýol bermezlik babatynda gymmatlyklarda «Ishengir» agdyklyk etmegi.

Biziň kompaniýamyzyň ýolbaşçy işgärleri, taslamalaryň we taslama toparlarynyň ýolbaşçylary, şeýle-de gözegçiligi amala aşyrýan işgärler özleriniň wepalygy we howpsuzlyga bolan garaýyşlary zerarly «Hadysasyz» syýasatyny amala aşyrmak üçin şert döretmelidirler:

- Bu syýasaty amala aşyrmak prosesinde ylalaşyksyzlygy goldamak üçin jogapkärçilik çekmek hiç wagt we hiç bir ýagdaýlarda öz borçlaryňy ýerine ýetireniňde kadadan çykýan ýagdaýlara getirmeli däldir.
- Eliňde baryny edip gowy netijeleri gazanmak, amala aşyrylýan prosesleri mundan beýläk hem ýokarlandyrmak üçin güýç tapmak, howpsuzlygy üpjün etmek proseslerini amala aşyrmak babatynda seslenmelerden netije çykarmak, kompaniýanyň her bir işgäri üçin we her bir işgäre hormatly, mynasyp gatnaşygy gazanmaklygy berjaý etmekligi üpjün etmek we mümkin bolan töwekgelçiliklere ýol bermezlik.

Bu syýasatyň işjeň goldawy we amala aşyrylmagynyň hasabyna ähli betbagtçylykly hadysalaryň öňüni alyp bolýan giň gerime eýe boljak gurşawy we iş atmosferasyny döredip bolýar, biziň "Hadysasyz" atly syýasatymyzyň maksady - bu gündelik hakykatdyr.

**TH, ZG we DGG syýasaty**

«Ishengir» aşakda görkezilen syýasaty, «Ishengir» kompaniýasynyň ähli ofislerinde we elýeterli ýerlerde her bir taslama amala aşyrylanda ornaşdyrylmalydyr.




Goşunda seret.

- **«Zähmet howpsuzlygy we saglygy goramak syýasaty»,**
- **«Zähmeti togtatmak babatynda syýasat»,**
- **«Alkogolly içgileri içmek, neşe serişdelerini we psihotrop maddalaryny ulanmak babatynda syýasat».**

ISHENGIR

TEHNIKI HOWPSUZLYK, ZÄHMETI SYÝASAT

**Zähmet howpsuzlygy we saglygy goramak syýasaty**

«Ishengir» kompaniýasy öz hususy çäklerinde we obýektlerinde bolşy ýaly, buýrujy kompaniýa degişli çäklerde we obýektlerde hem öz işini amala aşyrýan wagtynda çekilýän öz işgärleriniň we potratçy we kömekçi potratçy kompaniýanyň işgärleriniň saglygyny, howpsuzlygyny we daşky gurşawyň goragyny üpjün etmek boýunça «Ishengir» kompaniýasy öz işini Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda bellenen düzgünleşdiriji talaplara laýyklykda amala aşyrýar.

Biziň ählimiz işlerimiz bilen baglanyşykly ähli howplary anyklaýyş, ýüze çykaryş, dolandyryş, ýok ediş we barlaýyş pudagynda işjeň gatnaşmak arkaly eýeleýän wezipesine garamazdan ähli işgärleriň öz kär işlerini amala aşyrýan wagtynda ýüze çykýan ähli howplaryň hötdesinden gelmek we hadysalaryň, şikes almagyň, hünär keselleriň we daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni almak üçin göreşýäris we göreşeris.

Kompaniýa hökmünde biz özümizi doly şu aşakdakylara bagyşlaýarys:

- Işgärler üçin bolşy ýaly, jemgyýet we daşky gurşaw üçin geçirilýän amallaryň howpsuzlygy boýuna öz işleriniň we dolandyryjy ýörelgeleriň amala aşyrylmagynda proseduralaryň taýýarlygyna we girizmekligine;
- Öz kär işlerini amala aşyrýan wagtynda Howpsuzlyk tehnikasynyň, Zähmet we Daşky gurşaw goragyň manysyna düşünmekligiň we okuwyň üpjünçiligine;
- Öz işlerini amala aşyrýan wagtynda ştatdan adatdan daşary ýagdaýlara doly taýýarlyga;
- Degişli pudaklarda öz işini amala aşyrýan wagtynda ähli ulanylýan kanunlaryň we döwletiň düzgünleşdiriji namalarynyň berjaý edilmegine;
- Kompaniýanyň şu syýasatynyň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin döwürleýin seljermäniň we bahalandyrmanyň geçirilmegine.
-

Biziň kompaniýamyz Howpsuzlyk tehnikasy, Zähmet goragy we Daşky gurşawyň goragy pudagynda hiç hili zyýanyň ýetirilmezligi boýunça öz maksatlaryny gazanmaklyga hyjuwdan doly we doly meýilli bolmak bilen ähli işgärleri howpsuzlyk tehnikasy, zähmet we daşky gurşawyň goragy ulgamlarynda görkezilen ähli talaplary berjaý etmeklige çagyrýar.

Esaslandyryjy

Eldar Baýramow

2019-njy ýylyň 1-nji ýanwary

ISHENGIR

TEHNIKI HOWPSUZLYK, ZÄHMETI SYÝASAT

**Işlemekligi bes etmek babatda syýasat**

«Ishengir» kompaniýasynyň baş aladasy, öz hünäri boýunça işlerini ýerine ýetirenlerinde işgärleriň saglygyny we howpsuzlygyny, daşky gurşawy oňa täsir edilmeginden goramakdyr.

Biziň kompaniýamyz, özüniň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan islendik işgäriň, eger-de ol işiniň amala aşyrylmagyny özi we şonuň ýaly-da beýleki işgärleriň saglygy üçin howpsuz ýagdaýda ýerine ýetirmek mümkin däl, şeýle-de işgärleriň hemmesiniň saglygyna we howpsuzlygyna howp salýar, daşky gurşawa bolsa zyýan ýetirip, otrisatel täsir edip biler, diýip hasaplaýan bolsa, onda onuň öz işini togtatmak ýa-da bes etmek babatdaky hukugyny doly goldaýar.

«Ishengir» kompaniýasynyň ýa-da potratçylaryň we kömekçi potratçylaryň işgärleri ýokarda beýan edilen hadysalaryň ýüze çykan ýagdaýynda, eýeleýän wezipesine garamazdan bu barada maslahat we gözükdirme almak üçin gönüden-göni ýolbaşçysyna, iş ýerindäki tehniki howpsuzlyk boýunça gözegçisine habar bermeklige borçludyrlar.

Esaslandyryjy

Eldar Baýramow

2019-njy ýylyň 1-nji ýanwary

ISHENGIR

TEHNIKI HOWPSUZLYK, ZÄHMETI SYÝASAT

**Alkogolly içgileri içmek we neşe, psihotrop maddalaryny ulanmak babatdaky syýasat**

Biziň kompaniýamyz, alkogolly içgileri içmekligi we neşe, psihotrop maddalaryny ulanmaklygy, olaryň täsiriniň astynda işlemekligi, kompaniýanyň işgärlerine, şonuň ýaly-da «Ishengir» kompaniýasynyň çäklerinde we obýektlerinde, şeýle hem buýrujynyň kompaniýasynyň çäklerinde we obýektlerinde öz işini amala aşyrýan potratçylaryň we kömekçi potratçylaryň işgärlerine düýbünden gadagan edýär.

Şu düzgünlere, gönüden-göni lukman tarapyndan bellenen dermanlyk preparatlar diňe şahsy maksatlar üçin ulanylan ýagdaýy degişli däldir.

Eger-de bellenen preparatyň özüniň goşmaça ýa-da bejeriş täsiri bilen adam organizmine nähili hem bolsa effekti bar bolsa, şeýle hem dermanlyk serişdäniň organizme ters edenligi sebäpli kompaniýanyň işgäriniň öz hünäri boýunça borçlaryny amala aşyrmaklygy çäklendirýän bolsa, onda «Ishengir» kompaniýasynyň işgärleri, ýa-da potratçylaryň we kömekçi potratçylaryň işgärleri bu barada özüniň gönüden-göni ýolbaşçysyna, iş ýerindäki tehniki howpsuzlyk boýunça gözegçisine habar bermeklige borçludyr.

Kompaniýanyň şu syýasatynyň, kompaniýanyň, edil şonuň ýaly-da potratçylaryň we kömekçi potratçylaryň islendik işgäri tarapyndan bozulmagy üçin, onuň haýsy wezipäni eýeleýändigine garamazdan Türkmenistanyň kanunçylygyna we kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda düzgün-nyzam çäreler görler.

Esaslandyryjy

Eldar Baýramow

2019-njy ýylyň 1-nji ýanwary